«7/24.tm»: «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy

№ 34 (221)
19.08.2024

TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24.tm



# TÜRKMENISTANYŇ KÝORLING BOÝUNÇA ÝYGYNDYSY NORWEGIÝADA OKUW-TÜRGENLEŞIK ÝYGNANYŞYKLARYNA GATNAŞÝAR





# ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА СОВЕРШИЛ ВЕЛОПРОГУЛКУ ПО АВАЗЕ

◆ Президент Сердар Бердымухамедов, находящийся в трудовом отпуске, совершил утреннюю велопрогулку по Национальной туристической зоне «Аваза» на побережье Каспийского моря, сообщает TDH.

Во время прогулки глава государства насладился благоприятным климатом и осмотрел красоты туристической зоны.

Приятная прохлада с моря и реки «Аваза», а также зелёные парки и лесные зоны, значительно расширившиеся за последнее время, создают идеальные условия для отдыха. Современная курортно-рекреационная система, предлагающая услуги высокого класса, делает НТЗ «Аваза» всё более популярной среди туристов.

В настоящее время в Туркменистане придаётся особое значение утверждению в обществе принципов здорового образа жизни. В данном плане реализуются целевые меры по охране здоровья людей, гармоничному развитию подрастающего поколения, обеспечению условий для комфортного и полезного отдыха граждан, особенно в период трудового отпуска. Всё это выступает одним из приоритетов успешно претворяемой в жизнь под руководством Президента Сердара Бердымухамедова социально ориентированной политики, в основу которой заложен провозглашённый Героем-Аркадагом девиз «Государство – для человека!».

Прогулка вдоль моря на велосипеде, особенно на рассвете, оказывает положительное влияние на самочувствие за счёт физической активности, укрепляет организм и придаёт бодрость. Велосипед признан экологически чистым и удобным средством передвижения, а благодаря успешной реализации инициатив Героя-Аркадага по стимулированию и популяризации велоспорта в Туркменистане регулярно проводятся массовые велопробеги по случаю знаменательных дат.

Вместе с тем сегодня в Туркменистане принимаются масштабные меры для поддержания экологического благополучия, реализации Национальной лесной программы, охраны уникальной флоры и фауны, защиты и изучения биоразнообразия Каспийского бассейна. В решении стоящих в этой области задач велоспорт, а также использование велосипеда как транспортного средства играют значимую роль, что в долгосрочной перспективе положительно сказывается на состоянии окружающей среды и способствует экологизации общественной жизни в целом.

# GAHRYMAN ARKADAGYMYZ TÜRKMENISTANYŇ SPORT ULAG MERKEZINE BARDY

◆ Sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmegine möhüm ähmiýet berýän we bu ugurda ösüp gelýän ýaş nesle nusgalyk görelde bolýan Gahryman Arkadagymyz zähmet rugsady wagtynda paýtagtymyzyň demirgazygynda ýerleşýän Sport ulag merkezine bardy.

Häzirki wagtda ýurdumyzda awtomobil sportunyň ösdürilmegine uly üns berilýär. Şunuň bilen baglylykda, Sport ulag merkeziniň maddy-enjamlaýyn binýady yzygiderli berkidilýär. Awtomobil sporty bilen meşgullanýan türgenleriň ussatlyklaryny artdyrmagy, olaryň halkara derejede geçirilýän ýaryşlara gatnaşmagy bilen bagly meseleler döwletimiziň hemişelik üns merkezinde saklanýar. Bu bolsa türkmen türgenleriniň halkara ýaryşlara gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanmaklaryna giň ýol açýar.

Şu günler zähmet rugsadynda bolýan Gahryman Arkadagymyz säher bilen adaty endigine eýerip, irki sport maşklaryny ýerine ýetirdi. Awtomobil sporty boýunça baý tejribe toplan türkmen halkynyň Milli Lideri merkeziň badalga nokadyna çykdy. Sport ulaglarynyň birini dolandyryp, onuň tehniki mümkinçiliklerini synagdan geçirdi.

**www.tdh.gov.tm**

# HEPDÄNIŇ HABARLARY

◆ **12.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Ýaponiýanyň Premýer-ministri Fumio Kisidanyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşlik boldy.

◆ **13.08.2024 ý.** Zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow irden Hazar deňziniň ajaýyp kenarynda ýerleşýän, tebigatyň täsin «merjeni» hasaplanýan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyna ugrady.

◆ **14.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Pakistan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Asif Ali Zardarä we Premýer-ministri Mian Muhammad Şahbaz Şarife Pakistan Yslam Respublikasynyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **14.08.2024 ý.** Zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hazar deňziniň kenarynda ýerleşýän «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda welosipedli gezelenç etdi.

◆ **15.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hindistan Respublikasynyň Prezidenti hanym Draupadi Murmuwa, Premýer-ministri Narendra Modä we ýurduň ähli halkyna Hindistan Respublikasynyň milli baýramy — Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **15.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Ýun Sok Ýola we ýurduň ähli halkyna Koreýa Respublikasynyň milli baýramy — Azat ediş güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **15.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Indoneziýa Respublikasynyň Prezidenti Joko Widodo we ýurduň halkyna milli baýram — Garaşsyzlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

◆ **18.08.2024 ý.** Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow zähmet rugsady wagtynda «Arçman» şypahanasyna baryp, ol ýerde dynç alyşda bolýan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynyň iş dolandyryjysy, Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň wise-prezidenti R.Bazarow bilen duşuşdy we Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine, ýurdumyzyň durmuşynda möhüm orny eýeleýän şanly senelere görülýän taýýarlyk işleriniň barşy bilen gyzyklandy. Lukman Arkadagymyz gür baglyga bürenen, ekologik taýdan amatly howa gurşawy bolan şypahananyň çäginde agtyjaklary hem-de çowlugy bilen gezelenç etdi.

**www.tdh.gov.tm**

# MÄLIKGULY BERDIMUHAMEDOWYŇ ÝADYGÄRLIGI HATYRALANYLDY

◆ 2024-nji ýylyň 12-nji awgustynda Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň atasy, Gurbanguly Berdimuhamedowyň kyblasy, içeri işler edaralarynyň hormatly weterany Mälikguly Berdimuhamedowyň nusgalyk ömrüne bagyşlanan çäreler geçirildi. Bu barada «Türkmenistan» gazetinde habar berildi.

Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky 1001-nji harby bölüminiň Medeniýet öýünde «Dowamat-dowamly mertdir pederim» atly dabaraly maslahat geçirildi. Şeýle hem bu ýerde Mälikguly Berdimuhamedowyň gulluk ýyllarynda dolandyran moto we awtoulaglarynyň sergisi guraldy.

Soňra dabara Aşgabadyň «Çoganly» ýaşaýyş toplumyndaky Mälikguly Berdimuhamedow adyndaky ýaşaýyş jaý toplumynda dowam etdi. Bu ýere ýygnananlar ýaşaýyş jaý toplumynyň dolandyryş binasynda ýerleşýän Mälikguly Berdimuhamedowyň diwar heýkeline tagzym etdiler.

Dolandyryş binasynda Mälikguly aganyň özboluşly muzeýi hem ýerleşýär. Onda arhiw materiallary, dürli resminamalaryň, şahadatnamalaryň, şol sanda harby atlar baradaky şahadatnamalarynyň nusgalary, döwlet sylaglary, suratlar jemlenendir.



# HOŞNIÝETLI HYZMATDAŞLYK

◆ Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda durmuşa geçirilýän il-ýurt bähbitli tutumly işleriň barha bat alýan eýýamyna öwrülip, ösüşiň täze basgançaklaryna çykýar. Munuň özi ata Watanymyzy oňyn özgerişlere beslemek bilen, halkyň hal-ýagdaýyny mundan beýläk hem gowulandyrmak ugrundaky taýsyz tagallalary hakykat ýüzünde öz beýanyny tapýar. Il-ýurt bähbitli maksatnamalar barha gerimini giňeldip, halkara ähmiýetli çözgütlere eýe bolýar. Şunda BMG bilen alnyp barylýan hyzmatdaşlyga möhüm orun degişlidir.

Birleşen Milletler Guramasy dünýä döwletleriniň arasynda global gatnaşyklaryň häzirki zaman ulgamynyň esasy daýanjydyr. Dünýä giňişliginde parahatçylygy we bähbitleriň deňagramlylygyny, howpsuzlygyň häzirki gurluşynyň durnuklylygyny saklamagyň kepilidir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzyň durmuşa geçirýän hoşniýetli içerki we daşary syýasaty bu abraýly guramanyň ileri tutýan maksatlaryna we wezipelerine laýyk gelýär.

Ýurdumyzyň bu uly we abraýly halkara guramasyna agza bolmagy sebitde parahatçylygy gorap saklamaga, howpsuzlygy üpjün etmäge, sebiti durnukly ösdürmeklige gönükdirilen täze netijeli çemeleşmeleri işläp taýýarlamaga we olary durmuşa ornaşdyrmaga ýardam berýär. Hormatly Prezidentimiziň hoşniýetli daşary syýasaty bütin dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan barha seslenme döredýär. Çuňňur syýasy-diplomatik açyklyk we halkara hyzmatdaşlygynyň öňdäki sepgitlerine gönükdirilen başlangyçlar Türkmenistanyň halkara ulgamyndaky parahatsöýüjilikli keşbine täze öwüşginleri berýär.

**Mähri TOÝMEDOWA,**
**TMÝG-niň Saparmyrat Türkmenbaşy etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni.**



# GÜL AÇÝAN AWAZA

◆ Ýurdumyzda ynsan saglygy we bagtyýarlygy ugrunda amala aşyrylýan işler her birimizi diýseň guwandyrýar. Gojaman Hazaryň kenarynda döredilen «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy ynsan saglygy we bagtyýarlygy ugrundaky aladanyň nyşanydyr.

Hazaryň ekologiýa taýdan arassa türkmen kenary, hakykatdan-da, jenneti mekany ýada salýar. Bu ýerde döredilen gözellikler deňiz kenarynyň ajaýyplygy bilen özboluşly sazlaşygy emele getirýär. Mundan başga-da, Hazaryň müňläp menzillere uzap ýatan balykgulakly kenary ap-ak mozaika eserini ýada salyp, onuň üstünde birsellem gezelenç etmek ynsanda ýakymly duýgulary döredýär, saglygy berkidýär. Hut şeýle gözelligi bir pursat synlap, Awazanyň sergin howasyndan dem alyp, şypaly mekana dynç almaga gelmek her kesiň arzuwydyr.

Ýurdumyzda ynsan saglygyny ähli zatdan ileri tutýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallasy bilen şu ýylyň tomsunda bu jenneti mekan ýene-de öz myhmanlaryny kabul edýär. Awazanyň suwy-da, howasy-da, palçygy-da, suw otlary-da dermandyr. Bu günki günde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy diňe bir türkmen halky üçin däl, eýsem, daşary ýurtlardan gelen syýahatçylar üçin hem gujagyny giňden açyp dur.

**Maýagül GARAJAÝEWA,**
**TMÝG-niň Türkmenbaşy şäher Geňeşiniň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**

# DÖWLETLI MASLAHATA TAÝÝARLYK



◆ Türkmenistan Watanymyzyň durmuşynda taryhy ähmiýetli waka öwrüljek Türkmenistanyň Halk Maslahatyna taýýarlyk görülýär. Häzirki döwürde Halk Maslahaty Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda hereket edýän halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolmak bilen, döwürleriň aýrylmaz baglanyşygyny hem-de nesilleriň dowamatlylygyny, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň gadymdan gelýän demokratik ýörelgelere, saýlap alan döredijilikli ýoluna ygrarlydygyny alamatlandyrýar.

Milli demokratik däplerimize, aýanlyk, adalatlylyk, döwletlilik, kanunylyk we jemgyýetçilik pikirini nazara almak tejribämize esaslanyp, döwlet ähmiýetli, il-ýurt bähbitli meseleleri halk bilen maslahatlaşyp çözmekde toplanan milli tejribeden ugur alnyp geçiriljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde ýurdumyzy mundan beýläk-de okgunly ösdürmegiň, halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen düýpli özgertmeleri amala aşyrmagyň ileri tutulýan wezipeleri maslahatlaşylar.

Gahryman Arkadagymyzyň: «Biziň beýik ýeňişlerimiziň hem-de üstünliklerimiziň, döwletimiziň barha artýan halkara abraýynyň esasynda Türkmenistanyň döwlet Garaşsyzlygy durýar. Garaşsyzlyk döretmäge kuwwat, gurmaga güýç, parahatçylygy we dostlugy pugtalandyrmaga egsilmez ylham berýär. Türkmen halky döwlet gurujy halkdyr. Biz döwlet gurmak babatda merdana ata-babalarymyzyň wesýetlerine eýerip, ösüşiň milli nusgasyny saýlap aldyk. Halkymyzyň agzybirligine, ukyp-başarnygyna, parahatçylyk söýüjilik däplerine daýanyp, özygtyýarly döwleti döretdik. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan halk häkimiýeti berkarar edilen döwletdir» diýip, nygtaýşy ýaly, Halk Maslahaty Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlarymyzy has-da pugtalandyrmak we ösüşlerimizi dowamata atarmak babatda ähmiýetli işleri durmuşa geçirmäge ukyply bolan halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasydyr.

Häzirki döwürde şöhratly pederlerimiziň halk häkimiýeti baradaky däpleri mynasyp dowam etdirilýär. Hut şonuň üçin hem ata Watanymyzda demokratik, hukuk we dünýewi döwletimizi depginli ösdürmek maksady bilen, halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasynyň — Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döredilmeginiň çuňňur many-mazmuna eýedigini bellemelidiris. Munuň şeýledigi Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabynda Halk Maslahaty ata-babalarymyzyň ýaşululardan maslahat sorap, akyldar, ylymdar geňeşdarlary ýygnap, karara gelmek däbini, demokratiýany durmuşa ornaşdyrmagyň bir ugrudygy bellenilip geçilýär.

Biziň ösüş nusgamyz häzirki ählumumylaşma döwründe ýüze çykýan soraglary çözmegiň netijeli ýoludyr. Milli agzybirligimiz, kanunlaryň hökmürowanlygy, häkimiýet edaralarynyň we dolandyryş ulgamynyň netijeli bolmagy, jemgyýetçilik pikiriniň ileri tutulmagy biziň saýlap alan ýolumyzyň kesgitleýji aýratynlygydyr. Çünki döwür öňümizde täze-täze wezipeleri goýýar. Biziň döwleti we jemgyýeti ösdürmekde milli nusgamyz döwlet syýasatynyň binýatlyk esaslaryny düzýär.

Gadymdan gelýän demokratik ýolumyza we ynsanperwer taglymatymyza laýyklykda, döwletimizi ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlarynyň özara baglanyşygyny üpjün edip, jemgyýetçilik-syýasy, kanunçylyk-hukuk taýdan ähli mümkinçilikler döredildi. Şol mümkinçilikler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň barha ösýän talaplaryna laýyk gelýär. Ýurdumyzyň döwlet we jemgyýetçilik gurluşynyň oýlanyşykly hem-de sazlaşykly dolandyrylmagyna, giň gerimli özgertmelerimiziň işjeňleşmegine ýardam edýär. Hormatly Prezidentimiziň ykdysadyýetimizi innowasion esasda ösdürmek we sanlylaşdyrmak, jemgyýetimiziň aň-bilim we ylmy mümkinçiliklerini hasda ýokarlandyrmak babatda öňe sürýän garaýyşlary, kabul edýän çözgütleri netijesinde durmuşymyz barha gözelleşmelidir. Ýurdumyzyň ägirt uly ykdysady kuwwaty, tebigy baýlyklary, adam mümkinçilikleri bu maksada ýetmäge gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow: «Durnukly ykdysady ösüş biziň uzakmöhletleýin strategiýamyzyň baş maksady bolup durýar. Şoňa görä-de, ykdysadyýetimiziň ähli ugurlaryny gurşap alýan maksatnamalarymyzy hem-de özgertmelerimizi üstünlikli amala aşyrýarys. Döwlet maýa goýum syýasatynyň netijeliligini hem-de işjeňligini has-da ýokarlandyrmak üçin zerur işleri alyp barýarys» diýip belleýär. Şu hakykatyň mysalynda biz häzirki wagtda Türkmenistan Watanymyzyň durnukly ösüşleri durmuşa geçirýändigine göz ýetirýäris. Halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Halk Maslahatynyň mejlisinde hem eziz Diýarymyzyň Garaşsyzlyk ýyllary içinde gazananlarynyň hataryny uzaltmaga mümkinçilik berjek döwletli başlangyçlara badalga berler.

Dana ata-babalarymyzyň asylly däplerine we wesýetlerine eýerip, Gahryman Arkadagymyzyň ähli işlerinde halk bilen, ýaşuly nesliň wekilleri bilen hemişe geňeşýändigi türkmen halkynyň nesilden-nesle geçip gelýän asylly ýörelgeleriniň biridir. Hut şonuň üçin hem Gahryman Arkadagymyzyň ýiti pähim-paýhasynyň miwesi bolan durnukly ösüşlerimiziň üstünlikli dowam etdirilýän ajaýyp zamanasynda geçiriljek Halk Maslahatynyň mejlisine ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Halk Maslahatynyň geljekki döredijilikli işi hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagymyzyň işi bilen baglanyşyklydyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň aladasy we hemişelik ünsi netijesinde Türkmenistanyň kanun çykaryjylaryna häzirki günde halkyň, döwletiň bähbidine döredijilikli zähmet çekmekleri üçin ähli şertler döredildi. Şonuň üçin hem öňdäki jogapkärli syýasy-jemgyýetçilik çäresi bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň üstünlikli geçmegini arzuw edýäris!

**Merjen DURDYÝEWA,**
**M.Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň mugallymy.**

# HALK HÄKIMIÝETINIŇ YGTYBARLY SÜTÜNI

◆ Bäş müňýyllyk uzak taryhyň dowamynda şöhratly ata-babalarymyz dünýä ýaýrap, dürli künjeklerde ýetmişden gowrak döwleti esaslandyryp, döwlet gurmakda, jemgyýetçilik işlerini kadalaşdyrmakda, döwleti dolandyrmakda nusgalyk görelde görkezipdirler. «Döwlet gurjak bolsaň türkmeni çagyr» diýlen aýtgy hem şonuň bilen baglylykda ýüze çykan bolsa gerek.

Dünýä taryhynda yz goýan, türkmen halkynyň nesilleri tarapyndan esaslandyrylan döwletler gurluşynyň berkligi, halk häkimiýetine daýanýandygy, düzgün-nyzamlarynyň ykjam ýerine ýetirilýändigi bilen tapawutlanypdyr. Şeýle asylly ýörelgeler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döwrebap esasda, dünýä tejribeleriniň nazarda tutulmagy bilen mynasyp dowam etdirilýär.

Häzirki wagtda ýurdumyzda demokratiýany has-da berkitmek esasy ýörelgelerimiziň biridir. Geçen asyrlarda ýurdumyzyň çäklerinde halkyň bähbitlerine wekilçilik edýän edaralar hökmünde Geňeş, Maslahat ýörgünli bolan bolsa, häzir bu ýokary wekilçilikli edara Türkmenistanyň Halk Maslahaty görnüşinde öz işlerini amala aşyrýar. Şu ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilmegi meýilleşdirilýän Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde hem ýurt ähmiýetli, halk bähbitli beýik işlere badalga berler.

Döwlet derejesinde uludan guraljak bu çärä taýýarlyk işleri häzirden ýokary depginde alnyp barylýar. Mejlisde berkarar döwletimiziň dürli ulgamlarda gazanan ösüşleriniň jemi jemlener hem-de geljekki işleriň oňyn meýilnamalary düzüler. Garaşsyzlyk ýyllary içinde durmuşyň dürli ugurlarynda öňdebaryjylygy bilen tapawutlanan, ýurdumyzyň ösüşine mynasyp goşant goşan raýatlarymyzy döwlet sylaglary bilen sylaglamak hem-de hormatly atlary dakmak çäreleri geçiriler.

**Ogulşeker ORAZGULYÝEWA,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň Maglumat tehnologiýalary we programmirleme fakultetiniň talyby.**

# BEÝIK IŞLERIŇ KEPILI

◆ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäher Geňeşi TMÝG-niň işjeň agzalarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň Halk Maslahatyna görülýän taýýarlyk hem-de Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň taryhy ähmiýetini ýaşlaryň arasynda wagyz etmek maksady bilen, Daşoguz welaýatynyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýinde «Halk Maslahaty — halk bähbitli beýik işleriň kepili» diýen at bilen duşuşyk geçirdi.

Duşuşykda çykyş edenler il-ýurt bähbitli meseleleri halk bilen, ýaşulular bilen geňeşip çözmek türkmen halkynyň asyrlarboýy dowam edip gelýän häsiýetli aýratynlygydygyny, bu günki gün halkymyzyň bu ajaýyp syýasy we durmuş tejribesi giňden ulanylýandygyny, bu hakykakyň jemgyýetçilik gurluşynyň iň gadymy düzümleriniň biri bolan Halk Maslahatynyň mysalynda aýdyň görünýändigini belläp geçdiler.

Hormatly Prezidentimiziň 2024-nji ýylyň 12-nji iýulynda geçiren giňişleýin mejlisinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine taýýarlyk görmek boýunça beren tabşyrygyndan ugur alyp, döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň agzalary, Mejlisiň ýolbaşçylary, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, syýasy partiýalaryň we jemgyýetçilik guramalarynyň, döwlet, häkimiýet, jemgyýetçilik edaralarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri gatnaşýarlar.

Duşuşyga gatnaşanlar il-halkyň ýagty geljegi üçin beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, belent başlarynyň aman bolmagyny, tutýan beýik tutumly işleriniň mundan beýläk hem rowaçlyklara beslenmegini tüýs ýürekden arzuw etdiler.

**Meýlis ATAÝEW,**
**TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni.**

# TÄZE ÜSTÜNLIKLERE BADALGA

◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, türkmen jemgyýetiniň gülläp ösýän, dünýä döwletleri, abraýly halkara guramalary bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyklaryň täze basgançaklarda ösdürilýän döwrüdir. Bu döwürde Gahryman Arkadagymyzyň teklibi bilen döredilen Türkmenistanyň Halk Maslahaty hemişelik Bitarap döwletimiziň kanunçylyk-hukuk esaslaryny, ýurdumyzda demokratiýany we halk häkimiýetliligini berkitmekde wajyp ähmiýete eýe bolan möhüm gurluşdyr.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwletimiziň ýokary wekilçilikli häkimiýet edarasydyr. Onuň düzümine Türkmenistanyň Prezidentinden, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygyndan, Türkmenistanyň Mejlisinden başlap, ýurdumyzyň ministrlikleriniň, edara-kärhanalarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň we syýasy partiýalarynyň ýolbaşçylary, şeýle-de welaýat we şäher halk maslahatlary tarapyndan saýlanan wekiller girýärler. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň her ýylyň güýz paslynda geçirilýän mejlisinde «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» bellenilen möhüm wezipeleriň durmuşa geçirilişiniň barşyny ara alyp maslahatlaşmak, üstümizdäki ýylda döwlet býujetiniň amala aşyrylyşyna baha bermek, täze ýylyň býujetini ara alyp maslahatlaşmak ýaly esasy meselelere seredilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda berkidilişi ýaly, Türkmenistan demokratik, hukuk we dünýewi döwletdir. Esasy Kanunymyzyň 3-nji maddasynda: «Türkmenistanyň özygtyýarlylygy halk tarapyndan amala aşyrylýar, halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşydyr. Türkmenistanyň halky öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýar» diýlip berkidilýär. Şundan ugur alanyňda, Türkmenistanyň Halk Maslahaty döwletimiziň geljekki ösüşleri bilen bagly alnyp barylýan işlere, döwletli maslahat-geňeşlere ilatyň barha köp gatlaklaryny çekmek üçin döredilen döwrebap ýokary wekilçilikli edaradyr. Bu edaranyň başynda, hormatly Prezidentimiziň bellemegi bilen, Gahryman Arkadagymyz durýar.

Biz sentýabr aýynda, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň toýunyň öňýanynda bolup geçjek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde serediljek meseleleriň, kabul ediljek çözgütleriň täze üstünliklere badalga boljakdygyna berk ynanýarys. Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize uzak ömür, jan saglyk, il bähbitli işlerinde üstünlik arzuw edýäris!

**Döwletmyrat AMANNAZAROW,**
**Türkmen döwlet maliýe institutynyň mugallymy.**

# GRIGORIÝ SKOWORODA

◆ Grigoriý Skoworoda beýik ukrain ýazyjysy, filosofy, şahyry we pedagogydyr. Ol liturgiki sazlaryň hem awtorydyr.

Grigoriý Skoworoda 1722-nji ýylyň 22-nji noýabrynda Kiýew guberniýasynyň Çernuha diýen ýerinde dünýä inipdir. Çagalygyndan ylmy gözleglere ymtylypdyr. Ýakymly sesiniň bardygy üçin ony Metjit (Serkow) horunda aýdymçy bolup, gulluk etmäge çagyrypdyrlar. Geljekki beýik şahyr, ýazyjy, filosof başlangyç bilimi hem prawoslaw metjidiniň gullugynyň garamagynda özleşdiripdir. Başlangyç buthana mekdebine hem gatnapdyr.

Grigoriý Skoworoda Kiýew akademiýasynyň taýýarlyk synpynda, soňra 1738-nji ýylda Kiýew-Mogilýan akademiýasynda okapdyr. Üç ýyldan ol Sankt-Peterburga baryp, ol ýerde köşk aýdymçysy bolup işläpdir.

1744-nji ýyla çenli Sankt-Peterburgda gulluk edensoň, Grigoriý Skoworoda şa zenan Ýelizawetanyň sapar wagtynda ýanynda bolýan adamlary bilen Kiýewe dolanyp gelipdir. Ol dogduk mekanyna dolanyp gelenden soň hem akademiýadaky okuwyny dowam edipdir. Akademiýanyň horunda aýdymçy bolup çykyş edipdir.

Grigoriý Skoworoda döredijilik işine saz eserlerini ýazmakdan başlapdyr. 1750-nji ýylda hökümet gullugynyň düzüminde Ýewropa ýurtlaryna aýlanyp görüpdir. Polşa, Awstriýa, Wengriýa, Italiýa ýaly ýurtlary paý-pyýada diýen ýaly syýahat edipdir.

Ýurduna gaýdyp gelensoň, dini seminariýanyň ýanyndaky Pereýaslaw kollegiumynda işläpdir. Bu ýerde ol ýaşlary okatmak bilen bir hatarda ilkinji edebi eserlerini ýazypdyr, öýlere baryp okadýan mugallym bolup hem işläpdir.

Grigoriý Skoworodanyň öz döwürdeşleriniň arasynda meşhur bolan eserlerinden «Harkow basnýalary» diýen kyssa bilen ýazan eserini görkezmek bolar. Ýazyjynyň edebi mirasynda latyn we gadymy grek eserlerinden edilen terjimeler hem bardyr. Ýazyjynyň döredijilik mirasyndan iň esasy eseri hökmünde «Ylahy aýdymlaryň bagy» atly eseri görkezmek bolar. Bu eser 1757 — 1785-nji ýyllar aralygynda ýazylypdyr.

Grigoriý Skoworodanyň eserleri ençeme nesiller üçin pähim-paýhas çeşmesi bolup hyzmat edip gelýär. Ýazyjynyň kitaplary häzirki döwürde hem dürli dillerde ýygy neşir edilýär. Olardan «Köňül dünýäsi hakynda dostlukly söhbet», «Jahankeşde filosofyň maslahatlary. Ýazgylaryň doly ýygyndysy», «Hüwdüli aforizmler» ýaly kitaplary aýratyn meşhurlyga eýedir.

Ösen aň-düşünjeli, hemişe gözleglere ymtylýan adam bolmagy Grigoriý Skoworodanyň bir kärde uzak eglenmegine ýol bermändir. Ol hemişe öz-özüni kämilleşdirmegiň, bilimini artdyrmagyň, gözýetimini giňeltmegiň ugrunda bolmak bilen, tiz-tizden ýaşaýan ýerini hem kärini üýtgedip durupdyr. Ahyrda Moskwa gelip, Troissa-Sergiýewo Lawrda ýaşapdyr. Lawr kitaphanasyndan peýdalanyp, ýene-de öz-özüni kämilleşdirmek bilen meşgullanypdyr.

1794-nji ýylda Grigoriý Skoworoda eserleriniň golýazmasyny ynamdar şägirdi Mihail Kowalenskä gowşurmak üçin Orýol guberniýasyna gelýär. Golýazmalaryny gowşuryp, Kiýewe dolanyp gelýärkä, Harkow guberniýasynyň Iwanowka obasynda dünýäden ötýär.

Grigoriý Skoworoda öz mazarynda: «Dünýä meni gola saldy, ýöne tutup bilmedi» diýen ýazgyny goýmagy sargyt edipdir.

Ýazyjynyň goýup giden ajaýyp mirasyna öz dogduk Watanyndan uzaklarda hem belent hormat goýulýar. Ýazyjynyň ady Ukrainada köpsanly okuw mekdeplerine dakyldy. 1987-nji ýylda açylan kiçi planeta beýik ýazyjynyň we filosofyň ady dakyldy.



**Arzuw ŞAÝYMOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# ÝUNUS EMRE

◆ Ýunus Emre gadymy Türkiýe topragynda ýaşap geçen, türkmen hem-de türk nusgawy edebiýatlarynyň iň görnükli wekilleriniň biri, beýik şahyr, gumanist hem-de filosofdyr.

Ýunus Emre, takmynan, 1240-njy ýylda Türkiýäniň Siwrihysar welaýatynyň Saryköý diýen obasynda dünýä inipdir. Şahyryň aslynyň Horasandan Anadola göçüp baran türkmen Ysmaýyl Hajynyň neberelerinden bolanlygy barada maglumatlar bar. Şahyryň öz döwrüniň beýik piri Tapdyk Emreden tälim alandygy we hatda piriniň hormatyna, onuň Emre lakamyny özüne kabul edendigi onuň öz setirlerinden mälim bolýar.

Bardygymyz illere, şol
sapa köňüllere,
Baba Tapdyk manysyn saçdyk, alhamdulillah.
Tapdygyň tapysynda, gul
bolduk gapysynda,
Ýunus Misgin çig idi, bişdik,
alhamdulillah.

Ussadyň özünden öňki geçen söz ussatlaryndan Nyzamy Genjewiniň, öz döwürdeş ussady Jelaleddin Rumynyň döredijiligini gowy bilendigine eserlerini okap göreniňde hem belli bolýar. Özünden ep-esli ýaş kiçiligine garamazdan, Jelaleddin Rumy bu söz ussadyna belent hormat goýup, onuň adyny «Goja türkmen derwüşi» diýip tutupdyr we ol barada: «Men haýsy mertebä aýak bassam, öňümde bu türkmen gojasynyň yzlaryny görýärin» diýip belläpdir.

Ýunus Emräniň döredijiliginde öz döwrüniň yslam nukdaýnazaryndan alnan çuňňur medrese bilimleri bilen bir hatarda halkylyk, gadymy oguznamaçylyk däpleri güýçli duýulýar. Gazal, goşuk görnüşlerinde döredilen setirlerde dünýäde iň gymmatly närsäniň ynsandygy, iň näzik närsäniň hem göwündigi häli-şindi nygtalýar:

Ýunus Emre, diýr hoja,
Gerekse müň bir haja,
Barysyndan iýije,
Bir köňüle girmekdir.

Bu ynsanperwer, gumanistik ýörelgeler soňky asyrlaryň türkmen nusgawy ussatlaryndan Döwletmämmet Azadynyň «Wagzy-Azat» atly eserinde:

Käbe weýran etmeden
müň mertebe,
Bir köňül ýykmak hebesdir,
eý, dede
— diýen ýaly ösdürilýär.

Ýunus Emräniň eserlerini ünsli okap tanşanyňda, olarda ylym-bilime sarpa goýmak, adamlara okamagy ündemek ýaly duýgularyň güýçlüdigini görmek bolýar. Ýunus Emräniň pikiriçe, ylym ynsana, ozaly bilen, özüne göz ýetirmäge kömek edýär.

Ylym ylmy bilmekdir,
Ylym kendiň (özüň) bilmekdir.

Akyldar, filosof şahyr öz gezeginde jemgyýeti ösüşlere alyp gidýän ylym adamlaryna belent sarpa goýulmalydygyny, olaryň huzurynda göwnüňi pes tutmalydygyny hem ündeýär. Şahyryň Türkiýe Respublikasynda neşir edilen «Ýunus Emre metini» atly diwanynda:

Misgin Ýunus, aryplara tekepbir olma, toprak ol,
Toprakdan biter ähli gül,
gülüstandyr toprak maňa
— diýen bentleri bolan gazaly hem ýerleşdirilipdir.

Yşk temasy Ýunus Emräniň çeper-pelsepeleýin döredijiliginde ymykly orun tutan temalaryň biridir. Şahyryň yşky dünýäsiniň jümmüşinde «dost» diýen fenomen hemişe örboýuna galyp dur. Yşk ummanyny boýlamagyň, onda guwwas bolup ýüzmegiň ahyrky maksady şahyr üçin şol «dosta» ýetmek:

Ýunus diýer, awaraýam,
Başdan-aýaga ýanaram,
Dost ilinden awaraýam,
Gel, gör, meni yşk neýledi.

Dostdan habar sorar iseň,
Güzap degildir dost işi.
Belli biliň, hiç nesnedir,
Bu jahanda dostsuz kişi.

Türkmen okyjylary Ýunus Emräniň döredijiligi bilen tanyşmaga, esasan, mukaddeslik Garaşsyzlygymyzyň gazanylmagy bilen mümkinçilik aldylar. 1991-nji ýylda şahyryň şygyrlarynyň birnäçesi jemlenen «Güldesse» diýen kitaby, biraz soňrak «Söýgeliň-söýüleliň» diýen kitaby neşir edilip, okyjylara ýetirildi. 2004-nji ýylda bolsa eserleriniň doly jemlenen ýygyndysy çap edildi.


Selbi BABANAZAROWA,
Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.





## JEMLEME ÝERINE

Dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň paýtagtymyzyň gözel künjekleriniň birini bezeýän täze belent heýkeliniň daşyny gurşap alan dostlukly halklaryň söz we sungat ussatlary (24 sany) hakynda terjimehal makalalar Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyplaryndan düzülen «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň edebi işgäri Aşyrmuhammet Saryýewiň ýolbaşçylygyndaky döredijilik topary tarapyndan taýýarlanyldy.

# HALKDA HAKYŇ ADY BAR

◆ Taryhy köpasyrlyk geçmişiň jümmüşinden gözbaş alýan halkymyz durmuşyň islendik ugrunda toplan ýeterlik tejribesi, kämil garaýyşlary, köptaraplaýyn başarnygy bilen tapawutlanýar. Şonuň üçinem halkymyzda islendik bir işiň oňuna başlamagy üçin köpe geňeşilmegi kem görülmeýär. Jygaly begiň öz agtygy Röwşene:

**Şat bol il-halkyň göreňde,**
**Sözün al geňeş berende**

— diýen öwütleri külli türkmen nesli üçin baş nesihat bolup ýaňlanýar. Şu ýerde «Görogly» şadessanyndan bir parçany ýatlap geçeliň:

«...Her düşen ýerinde: «Bir nesihatym bar, saňa aýdaýyn» diýip, Köse munuň ýanyna gelýär. Emma Görogly oňa üns bermän, gulak asman gelýär.

— Biz munuň atasyna geňeş berýärdik, babasyna geňeş berýärdik, öňki ötenleri bizden geňeş soraýardy— diýip, öz ýanyndan hüňürdäp gelýär». Şadessandan görnüşi ýaly, il arasynda geňeşe uly ähmiýet berlipdir.

«Geňeşli salamat bolar», «Geňeşli toý dargamaz», «Geňeşli ýerde kemlik ýok, geňeşsiz ýerde — deňlik», «Işiň çetlände maslahaty işi rowaçdan sora» diýlen nakyllarda öňe sürülýän garaýyşlar bu günki gün biziň esasy ýörelgelerimiziň birine öwrüldi.




Häzirki döwürde halkymyzyň asylly edim-gylymlary Garaşsyz Watanymyzyň döwlet gurluşyna, kanunçylyk namalaryna mynasyp ornaşyp, öz äheňini tapýar. «Halk aýtsa, galp aýtmaz» diýlişi ýaly, halka geňeşip, ýylyň-ýylyna Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmek indi özboluşly däbe öwrüldi. Munuň özi halkymyzyň wekilleriniň döwleti dolandyrmak işine ýakyndan gatnaşýandygyny, agzybirligini, halk bilen häkimiýetiň arasyndaky baglanyşygyň aýrylmazdygyny görkezýär.

**Enejan BAHADUROWA,**
**Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň maglumat tehnologiýalary we programmirleme fakultetiniň talyby.**

# GYMMATLY GOLLANMA

◆ Gahryman Arkadagymyz «Ynsan kalbynyň öçmejek nury» atly ajaýyp kitabynda: «Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň umumadamzat gymmatlygyna öwrülen pikir-garaýyşlary, watansöýüjilik, ynsanperwerlik, ahlak arassalygy hakyndaky öwüt-ündewleri halkymyzyň durmuş ýörelgesi we durmuş pelsepesidir» diýip belleýär. Ýurdumyzda akyldar şahyryň döredijiligini dünýä ýaýmak boýunça netijeli işler alnyp barylýar. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň giňden bellenip geçilmegi ýurdumyzyň bagtyýar raýatlarynyň kalbyna şatlyk nuruny çaýdy.

Dana atamyz Magtymguly Pyragynyň watançylyk, zähmetsöýerlik, lebzihalallyk, ula-kiçä hormat goýmak, saglyk, tebigaty aýawly gorap saklamak, wepalylyk barada ýazan köp goşgulary halkyň arasynda ýat tutulyp, aýdyma öwrülip gidendir. Şahyryň çeper, çuň many-mazmunly goşgulary türkmen halkynyň başdan geçiren taryhy wakalary, ýaşaýyş-durmuşy, geçmişi bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Şonuň üçin hem, her bir türkmen maşgalasynda Magtymguly Pyragynyň goşgulary uly gyzyklanma bilen okalýar. Şahyryň goşgulary nesilleri milli ruhda terbiýelemek üçin gymmatly gollanmadyr. Şonuň üçin onuň goşgulary ýörite kitap edilip, yzygiderli çap edilýär. Berkarar döwlet islän şahyryň kitaplary her bir türkmen ojagynda ürç edilip okalýar, bagşylarymyz bolsa onuň goşgularyny aýdym edip aýdýarlar.

Döwletimiziň berkararlygyny berkitmekde, sagdyn jemgyýetde sagdyn nesilleri kemala getirmekde taýsyz tagallalary durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ata Watanymyzyň ertirleriniň eýeleri boljak ýaşlary milli ruhda terbiýelemekde Magtymguly atamyzyň döredijiligine ýüzlenmekligi Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ösüşleriniň rowaçlyklarynyň asyrlara uzap gitjekdiginiň aýdyň kepilidir.

**Şamyrat PIRMÄDOW,**
**TMÝG-niň Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrap Geňeşiniň bölüm müdiri.**

## ARZUWLAN ZAMANAŇ GELDI, PYRAGY!

**Belent başly daglar ajap göründi,**
**Arzuwlan zamanaň geldi, Pyragy!**
**Ene toprak bossanlyga bürendi,**
**Arzuwlan zamanaň geldi, Pyragy!**

**Adyň giň äleme ýaýrady bu gün,**
**Bilbil şirin owaz saýrady bu gün,**
**Ajap eýýamyňdan galkyndy göwün,**
**Arzuwlan zamanaň geldi, Pyragy!**

**Çar tarapa dostluk gollar uzaldy,**
**Türkmeniň şöhraty äleme doldy,**
**Eden arzuwlaryň hakykat boldy,**
**Arzuwlan zamanaň geldi, Pyragy!**

**Joşly göwünlerimiz bagtdan paýly,**
**Beýik şöhrat-şandan türkmen serpaýly,**
**Dowamdyr nesline pederleň ýoly,**
**Arzuwlan zamanaň geldi, Pyragy!**

**Bahar AÝDOGDYÝEWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby**



# THE NEW ISSUE OF THE MAGAZINE ARKADAGLY ÝAŞLAR HAS BEEN PUBLISHED

◆ The creative team of the Arkadagly Ýaşlar Magazine under the Central Council of Magtymguly Youth Organization of Turkmenistan presented to readers the seventh issue of the electronic edition in the year «Fount of Wisdom Magtymguly Pyragy».

On the first pages of the new issue of their favorite magazine, readers can read an article about the new star of Arkadag. The article «Ady dünýä dolan beýik Pyragy» tells about the visit of the Hero-Arkadag to the Republic of Kazakhstan in July this year and its results.

In the publication, an article, written in and sent from the French capital by a sports journalist participating in the Paris Olympics as part of the Turkmenistan national team, found its place. The following article describes the events that took place during the participation of the delegation of the youth of Turkmenistan in the creative festival of the youth of Russia and the Central Asian region. The first article in English in the new issue of the publication is devoted to our capabilities in the digital sphere of the Internet. This idea was further developed in the article «Emeli aň — adamzat aňynyň kämil önümi».

If the following article reflects the treasure of wisdom of the poet and thinker, then the article «Bir wakanyň üç žanrdaky beýany» provides interesting information on the famous Ayal Bagshy.

The author of the article «Azyk howpsuzlygy — döwrüň talaby» draws the attention of our readers to the steps taken by the country to develop international cooperation in this direction. You can download the new issue on the special pages of the magazine's website in Türkmenmetbugat and its mobile applications.

**www.tdh.gov.tm**

# «TÜRKMENISTAN SPORT» HALKARA ŽURNALYNYŇ TÄZE SANY

◆ Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň üç aýda bir gezek neşir edilýän «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylyndaky 2-nji sany okyjylara gowuşdy.

Mälim bolşy ýaly, žurnalyň sahypalarynda Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagynda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerini giňden ornaşdyrmak, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty wagyz etmek, milli türgenlerimiziň özleri barada hemişelik aladalara jogap edip, ýokary sportda gazanýan üstünlikleri we jemgyýetçilik durmuşymyzda möhüm bolup durýan beýleki meseleler, täzelikler, wakalar barada gürrüň berýän gyzykly makalalar, habarlar, söhbetdeşlikler ýerleşdirilipdir.

Hemmämiziň bilşimiz ýaly, 2024-nji ýyl Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilen XXXIII tomusky Olimpiýa we XVII Paralimpiýa oýunlary bilen dabaralandy. Bu halkara derejeli iri sport bäsleşiklerine türkmen türgenlerimiziň gören taýýarlyklary, ýurdumyzyň çäginde we dostlukly ýurtlarda guralan okuw-türgenleşik ýygnanyşyklaryna, çempionatlara, Kuboklara gatnaşyp, Olimpiýa oýunlaryna gatnaşmak üçin ýollanma gazanmaklary barada gyzykly makalalar, söhbetdeşlikler žurnalyň sahypalarynda mynasyp orun eýeläpdir.

«Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň sahypalarynda şeýle hem üstümizdäki ýylyň aprel, maý, iýun aýlarynda giňden dabaralanan Bütindünýä saglyk güni mynasybetli guralan çäreler, Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli çäreler toplumy, 1941 — 1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda Ýeňiş güni, Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Türkmenistanyň Döwlet baýdagynyň güni, Aşgabat şäheriniň güni, Çagalary goramagyň halkara güni, Ylymlar güni, Medeniýet we sungat işgärleriniň hemde Magtymguly Pyragynyň şygryýet güni, Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň açylyp ulanylmaga berilmeginiň bir ýyllyk şanly senesi mynasybetli bütin ýurdumyzda ýaýbaňlanan iri toý çäreleri barada gyzykly makalalar, habarlar ýerleşdirilipdir.

Okyjylar zamanabap owadan suratlar we köpöwüşginli bezegler bilen taýýarlanan žurnalyň sahypalaryny agdaryp, olardan özlerini gyzyklandyrýan islendik ugurlar boýunça sowallara jogap tapyp bilerler. Bu işde olara žurnalyň ahyrky sahypalarynda ýerleşdirilen gyzykly we täsin maglumatlar, dürli güýmenjeler, krosswordlar hem mynasyp ýardam berer diýip umyt edýäris.

**«7/24.tm»**



# HAKYKY OLIMPIÝA RUHY



◆ XXXIII tomusky Olimpia oýunlarynda synlan pursatlarym meni çagalygymda tomaşa eden, hemişelik ýadymda galan bir multiplikasion filmimi aňymda janlandyrdy. 1980-nji ýylda Moskwada geçirilmeli tomusky Olimpiýa oýunlaryna bagyşlanyp, 1979-njy ýyldan başlap ekranlara goýberilen ol gysgajyk film «Kim baýrak alsa» diýlip atlandyrylýardy. Onda diňe ýaryşda öz bähbidini öňe sürmän, ylgawda şikes alan, ýykylan ýoldaşlaryna kömege ýetişýän, ýolda höwürtgeden gaçan guş jüýjejigini höwürtgesine galdyryp berýän, özi bilen deň ýaryşyp barýan kirpijige suwly päsgelçilikden ýüzüp geçmäge kömek edýän aýyjyk baýrak eýesi bolup, Olimpiýa oýunlarynyň nyşany hökmünde kabul edilýärdi.

Şundan göni 45 ýyl geçensoň, 100 metre ylgamak boýunça türkmen türgen zenany Walentina Meredowanyň Fransiýa Respublikasynyň paýtagty Pariž şäherinde geçirilen XXXIII tomusky Olimpiýa oýunlarynyň ylgaw ýodasyndan ýeňişlere bolan hyjuw bilen öňe okdurylyp barýarka, bäsdeş türgenleriniň biriniň ýykylandygyny duýmagy we pellehanadan geçeninden soň, ýanyndaky ýene-de bir egindeşi bilen ýykylan kärdeşine kömege ylgamagy sport dünýäsinde simwoliki bir täsin baglanyşygyň bardygyny görkezýän ýaly. Türkmen türgeniniň bu ynsanperwerlikli hereketini dünýä habar saýtlary türkmen türgeniniň hakyky Olimpiýa ruhuny ýaýmagy diýip bahalandyrdylar.

Habarlarda mälim edilişi ýaly, 2-nji awgustda 100 metr aralyga ylgamak boýunça zenan türgenleriň arasynda birinji tapgyr ýaryşy dowam edýärkä Günorta Sudan döwletiniň türgen zenany Lýusiýa Moris ylgaw ýodasynyň çak bilen 70-nji metrinde ýykyldy. Pellehanadan dördünji bolup geçen Walentina Meredowa özünden soň, pellehanadan altynjy bolup geçen Laos döwletiniň türgen zenany Pha Arhaý Silina bilen bilelikde bada-bat yzyna dolanyp, şikes alan türgen zenana kömege bardy.

Sport dünýäsindäki bäsdeşler we şol bir wagtda kärdeşler, egindeşler bolup durýan zenanlaryň şikes alan ýoldaşlaryna kömege baryşlaryny we tä lukmanlar gelip, ony oýun meýdançasyndan alyp gidýänçäler ellerinden gelen kömegi berip, ýoldaşlaryny taşlap gitmän, şol ýerde galyşlaryny, diňe bir telekameralar däl-de, fotožurnalistleriň ellerindäki häzirki zaman surat alyş enjamlary hem ebedilik alyp galdylar.

Şu wakalary gaýtadan aňymda aýlap oturşyma, men sport dünýäsi barada ýaňy ýakynda okan bir maglumatymy ýatladym. 1928-nji ýylda Amsterdamda geçirilen Olimpiýa oýunlary wagtynda awstraliýaly kürekçi Henri Pýers çärýek finalda ýaryşýan wagtynda derýada öňüni kesip geçen ördek sürüsine garaşyp ýol berýär. Türgen guşlara garaşyp eglenendigine garamazdan, Olimpiýa oýunlaryndan ýurduna medally dolanýar.

Elbetde, sportda esasy zat garşydaşyňy ýeňmek, pellehana birinji bolup gelmek. Ýöne sportuň öňe sürýän taglymaty näme diýlip soralanda, ýene-de ynsanperwerlik, belent ruhlulyk, dost-doganlygy wagyz etmek diýip aýdyp bolýar. Bu pikirimi hakyky futbol janköýeri bolan talyp ýoldaşlarymyň biri bilen paýlaşanymda, ol bu pikiri goldap, futbol oýny bilen bagly bir täsin ajaýyp ýagdaýy hem aýdyp berdi. Talyp ýoldaşymyň gürrüň berşi ýaly, dünýä futbolynda her ýylyň jemlerinde futbol oýunlarynda bolup geçen şular ýaly belent sport ruhuny, ynsanperwerligi ýaýan oýunçylar barada maglumatlar toplanyp, iň gowularyna «Adalatly oýunçy» diýmegi aňladýan «Feir pleý» baýragy berilýär eken...

Ýene-de şol 1980-nji ýylda geçirilen Olimpiýa oýunlarynyň nyşany bolan aýyjyga bagyşlanan multfilmiň pursatlary göz öňümde janlanýar. Häzir 39 ýaşyndaky milli türgen zenanymyz Walentina Meredowa mundan kyrk bäş ýyl ozal dörän şol çagalar üçin filme teleýaýlymda tomaşa etdimikä ýa-da şol awstraliýaly türgeniň tebigatyň baýlygyny gözüň göreji deý gorap saklamak maksady bilen eden çözgüdi barada okap gördümikä?! Haýsysy bolanynda-da, bu ýerde inkär edip bolmajak bir hakykat bar. Walentina Meredowa bu ynsanperwer, adalatly hereketi bilen bir wagtda hem dost-doganlyga eýlenen türkmen ruhuny hem-de türkmen türgeniniň Olimpiýa ruhuny dünýä ýaýdy. Ol umumadamzat derejeli belent ruhuň ýaýylmagy hökmünde dünýä meşhur boldy.

Bu belent ruhda milli türgenimiziň dünýä inip, agy-garany saýgaraly, mekdep partasynyň başyna geçip, ilkinji harplary ýazmagy öwreneli, kämil çykyp, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ajaýyp kitaplaryny okap başlaly bäri gulagy hem, beýnisi hem ganan terbiýeçilik, watançylyk, ynsanperwerlik, her bir pursatda ýoldaşyňa kömege ýetişmek ýaly talabalaýyk özleşdiren gylyk-häsiýetleri giňden beýanyny tapýar.

Biz milli türgenimiziň sport bäsleşikleri wagtynda ýaýan belent Olimpiýa ruhy, adalatly, ynsanperwer hereketi hakynda ýatlamalaryň, öňde agzap geçenlerimiz ýaly, dünýä sportunyň taryhyna girip gitjegine, döwürleriň, zamanlaryň geçmegi bilen hem ýatlanjakdygyna ynanýarys.

**Jeren ABDULLAÝEWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

(OÇERK)

# ÖŇDE BELENT SEPGITLER BAR

**Geljekki ýeňişli ýollaryň sakasynda duran tälimçi mugallym hakda söz**



◆ Hünäre bolan söýgi adamda kemala gelýän asylly gylyk-häsiýetleriň biri. Hünäri her kim özüçe söýýär. Kim göwün söýen hünärini edinip, hünärmen hökmünde zähmet çekesi gelýär, kim bolsa öz hünärini ýaş nesillere öwretmegi maksat edinýär.

Sporta bolan ukybynyň bardygyny duýan ata-enesi 7-nji synpda okaýan ogullary Öktemjan Hojaniýazowy öz obalarynda ýerleşýän Lebap welaýatynyň Çärjew etrabyndaky 2-nji sport mekdebine ýerleşdirdiler.

— «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzda Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň uçurymy bolup, geljekki durmuş ykbalyňy hem-de hünär ýoluňy baglajak ýeriňe işe ýollanmak özboluşly simwoliki mana eýe diýip hasap edýärin. Mekdepde okaýan döwrüm meni bedenterbiýe mugallymlarymyzyň sapaklary guraýyş tärleri, usullary özüne çekipdi. Belki bedenterbiýe mugallymy bolmak höwesimiň artmagyna şol gören usuly göreldelerim has çuňňur täsir edendir. 2-nji sport mekdebinde welin, geljekki hünär ýolumda täze sahypalar açyldy. Meni öz höwes edýän sport görnüşlerim boýunça ýeňiş gazanýan türgen bolmak hyjuwy özüne dolap aldy.

Hawa, sport mekdebinde ýetginjek türgeni talapkär tälimçi mugallym Gaýrat Zaripow öz ganatynyň astyna aldy-da, oňa başa-baş söweş sungatynyň dzýudo görnüşi boýunça tälim berip başlady. Ol hä diýmän kiçi ýaşly türgenleriň arasynda geçirilen ýaryşlara gatnaşyp, başa-baş söweş sungatyna girýän görnüşler we olaryň nusgalary boýunça tejribe toplady. Gazanan ýeňişleri, medallary geljekki sepgitlere ruhlandyrdy.

— Bu buýsandyryjy pursatlar Watan öňündäki gulluk borjumy berjaý edip gelenimden 1 ýyl geçensoň başlanypdy. 2014-nji ýylyň aprel aýynda Kuraş boýunça Türkmenistanyň açyk çempionaty geçirildi. Men oňa gatnaşyp, ýaş türgenleriň arasynda 3-nji orna mynasyp boldum. 2016-njy ýylda geçirilen Kuraş boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 2-nji orna we 2018-nji ýylda geçirilen Kuraş boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 3-nji orna mynasyp boldum.

Öktemjanyň gürrüňini diňläp oturşyma, mende: «Orta mekdepde bedenterbiýe mugallymy abraýly ýaryşlarda ýeňişli orunlary eýelän türgen bolsa, ösüp gelýän ýaş nesilleriň arasyndan ýokary sportda ýurdumyzyň sport abraýyny gorajak türgenleriň ýüze çykmagynda has peýdaly bolup biler» diýen pikir döreýär.

— Öktemjan, ýadyma düşüşine görä, siz okuwyň soňky ýarymýyllygynda dört aýlyk tejribeligiňi hem Lebap welaýatynyň Çärjew etrabyndaky 43-nji orta mekdepde geçipdiňiz...

— Hawa, tejribelik geçmek üçin öz dogduk obamda ýerleşýän orta mekdebe ýollandym. Bu ýerde 5 ýylyň içinde öwrenen zatlarymy iş ýüzünde synag edip gördüm. Döwlet synaglaryny üstünlikli tabşyranymdan soň, meni häzirki ýerime — Çärjew etrabyndaky 49-njy orta mekdebe bedenterbiýe mugallymy kärine işe ýolladylar. Öňde duran okuw ýylyndan başlap, okuw meýilnamalarynda we maksatnamalarynda bellenilen görnüşler boýunça sapaklary, türgenleşikleri guraryn. Şonuň bilen bir wagtda okuwçylary türkmen milli hereketli oýunlary arkaly terbiýelemäge üns bermegi hem meýilleşdirýärin. Sapakdan daşary çärelerde we gurnaklarda, türgenlik tejribäme daýanyp, dzýudo, sambo we kuraş boýunça kiçi ýaşly çagalara we ýetginjeklere tälim bermegi göwnümde besleýän.

— Mugallymçylyk, terbiýeşynaslyk käri türgenlik hünär ýoluňdan sowaşdyraýmaz-a. Sen bir wagtda başa-baş söweş sungatynyň birnäçe görnüşi boýunça özüňi tutluşyklar meýdançasynda tanadypdyň.

— Ýok, türgenlik hünär ýolumdan sowulmak meýlim ýok. Sebäbi meni ýokary okuw mekdebiniň gapysyndan getiren şol türgen hökmünde gazanan ýeňişlerim bolupdy...

2019-njy ýylyň 22-nji ýanwarynda Sambo boýunça Türkmenistanyň çempionaty geçirilipdi. Öktemjan oňa 64 kilogram agram derejesinde gatnaşyp, 1-nji orna — altyn medala, şol ýylyň mart aýynda geçirilen Dzýudo boýunça ýaryşda 1-nji orna, aprel aýynda Kuraş boýunça Türkmenistanyň çempionatynda, maý aýynda Sambo boýunça Türkmenistanyň çempionatynda 1-nji orunlara eýe bolupdy. Bu ýeňişleri Öktemjan Hojaniýazowy baş arzuwy bolan Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmak arzuwyna gowşurdy.

— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň Bedenterbiýe fakultetinde futbol boýunça tälimçi hünärinde okadym. Ýöne institutda okaýan döwrümde hem ilkinji halypam Gaýrat Zaripowyň tälimçiliginde, 2020-nji ýylda Sambo boýunça Türkmenistanyň birinjiligine gatnaşyp, 3-nji orny — bürünç medaly eýeledim. Bu medally ýeňşim soňra söýgüli okuw mekdebimiň baýraklar hazynasyna medallary goşant eden ýeňişlerimiň başy boldy.

«Guş ganatsyz bolmaz, adam arzuwsyz» diýlişi ýaly, ýokary okuw mekdebini tamamlap, hünär eýesi bolan Öktemjan Hojaniýazowyň mugallymlyk, tebiýeşynaslyk kärinden daşary dzýudo, kuraş, sambo ýaly görnüşler boýunça öňde boljak dünýä çempionatlaryna gatnaşmak meýilleri hem bar. Ol ýürekde beslän arzuwlaryna ýetmek üçin hünäri boýunça kärine girişmek bilen bir wagtda güýçli depginde şahsy türgenleşiklerini hem dowam edýär.

Biz hem asylly arzuwlaryň gurşawynda, geljekki ýeňişli ýollaryň sakasynda duran tälimçi mugallym hem-de türgen deň-duşumyz Öktemjan Hojaniýazowa geljekki hünär ýolunyň menzillerinde üstünlik arzuw edip, ýaş hünärmeniň işlemäge, türgenleşmäge giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza ýürek alkyşlaryny okyjylarymyza ýetirmegi öz borjumyz hasapladyk.

**Geldimyrat SOLTOWOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# «ALTYN ASYR» AFK-nyň ÇEMPIONLAR LIGASY-2 ÝARYŞYNYŇ TOPARÇALAÝYN TAPGYRYNA ÇYKDY

◆ Aşgabadyň «Altyn asyr» futbol topary «AFK-nyň Çempionlar ligasy-2» atly ýaryşyň saýlama tapgyrynyň çäginde myhmançylykda Hindistanyň «Ist Bengal» toparyndan 3:2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda ilkinji bolup hasaby ýer eýeleri açdy. 7-nji minutda «Ist Bengal» D.Lalhlandanganyň geçiren goly bilen öňe saýlandy. Ýöne olaryň bu üstünligi uzaga çekmedi. «Altyn asyr» 18-nji minutda Myrat Annaýewiň geçiren goly bilen hasaby deňledi. 28-nji minutda Selim Nurmyradow «Altyn asyry» ilkinji gezek hasapda öňe çykardy. Şeýlelikde, duşuşygyň birinji ýarymy türkmen toparynyň 2:1 hasabyndaky ýeňşi bilen tamamlandy.

Duşuşygyň 52-nji minudynda «Altyn asyr» ýer eýeleriniň derwezesinden üçünji pökgini hem geçirdi. Bu gezek Mihail Titow tapawutlandy. «Ist Bengal» 59-njy minutda S.Kresponyň geçiren goly bilen aralygy ýygran hem bolsa, «Altyn asyr» duşuşygyň galan minutlarynda berk goranyp, ýer eýeleriniň hasaby deňlemegine mümkinçilik bermedi. Şeýlelikde, «Altyn asyr» myhmançylykda 3:2 hasabynda ýeňiş gazanyp, «AFK-nyň Çempionlar ligasy-2» atly ýaryşyň toparçalaýyn tapgyrynda ýaryşmaga hukuk gazandy. «Ist Bengal» bolsa yklym ýaryşlardaky ýoluny AFK-nyň Çagyryş ligasynda dowam eder.

**www.fft.tm.com**



### AFK-nyň ÇAGYRYŞ LIGASYNYŇ BIJE ÇEKIŞLIGI KUALA-LUMPURDA GEÇIRILER

2024-nji ýylyň 22-nji awgustynda sagat 15:00-da Malaýziýanyň Kuala-Lumpur şäherinde Aziýanyň Futbol Konfederasiýasynyň (AFK) Çagyryş ligasynyň 2024-2025-nji ýyllarynyň möwsüminiň toparçalaýyn tapgyrynyň bije çekişlik dabarasy başlar. Dabara AFK House Auditorum binasynda geçiriler.

Türkmenistanyň çempiony bolan «Arkadag» futbol topary taryhynda ilkinji gezek Aziýanyň iň abraýly futbol ýaryşlaryndan biri bolan AFK-nyň Çagyryş ligasyna wekilçilik eder.

Bu ýaryşa 18 topar gatnaşar.

# TURKMENISTAN BOXERS WON 6 MEDALS AT THE INTERNATIONAL YOUTH TOURNAMENT IN KAZAKHSTAN



◆ Turkmen boxers won six medals of various distinctions at the recently concluded international boxing tournament in Aktau, Kazakhstan, held in memory of USSR Master of Sports Bokenbay Saktaganov.

The competition took place at the «Dosan Batyr» sports complex and featured 138 athletes from 12 teams representing Turkmenistan, Tajikistan, Uzbekistan, the Republic of Karakalpakstan and various cities in Kazakhstan.

The Turkmenistan team was represented by nine boxers, six of whom won one gold, one silver and four bronze medals.

Jeyhun Dovranov, a 12th-grade student of the 1st secondary school in Yolotan etrap, Mary velayat, stood on the top step of the podium in the 54 kg weight category and was also awarded the special prize for «Most Technical Boxer of the Tournament.»

The silver medalist was Meylis Shadurdyev (57 kg), a 12th-grade student of the 32nd secondary school in Ashgabat, while the bronze medalists were: Hangeldi Lukmanov (48 kg), a 10th-grade student of secondary school No. 52 in Ashgabat; Mekan Sabirov (60 kg), a 12th-grade student of secondary school No. 82 in Ashgabat; Annageldi Jumamyradov (63.5 kg), a 12th-grade student of the 2nd secondary school in the village of Gushly, Bayramaly etrap, Mary velayat; and Atageldi Seyidov (67 kg), a 12th-grade student of the 57th secondary school in Boldumsaz etrap, Dashoguz velayat.

The Turkmen boxers competed under the guidance of Maksud Sheripov, senior coach of the Turkmenistan youth team, and Tenilbek Jumakulov, head coach of the national team, with referee Timur Khalilov representing the Turkmen judging panel.

For the young boxers, the tournament in Kazakhstan was a good test of strength ahead of the Asian Youth and Junior Championships, which will begin on August 27 in Abu Dhabi, United Arab Emirates, and will continue until September 10.

**www.tdh.gov.tm**

# MILLI ŽURNALISTIKANYŇ HÄZIRKI ZAMAN ÖSÜŞLERI




**(Soňy. Başlangyjy goşundymyzyň 28, 29, 30, 32-nji sanlarynda)**

### SÖHBETDEŞLIK ŽANRYNYŇ AÝRATYNLYKLARY

◆ Žurnalist gürrüňdeş bolýan adamy barada maglumatlary öňünden toplaýar, derňeýär, öwrenýär. Soňra gürrüňdeşine berjek sowallaryny taýýarlaýar. Söhbetdeşligiň gyzykly bolmagynda sowallaryň ýerlikli bolmagy esasy talapdyr. Žurnalist gürrüňdeş bolýan adamynyň ýeňillik bilen, doly we takyk jogap berip biljek sowallaryny hödürleýär.

Sowallarda many-mazmun babatda yzygiderlilik saklanmalydyr. Her bir sowalyň öňki berlen sowalyň many-mazmun babatda dowamy bolmagy, orta atylan meseläniň nobatdaky bölegini açyklaýan sowal bolmagy üçin çalyşmalydyr.

Žurnalist sowallary taýýarlanynda gürrüňdeş bolunmaly adamyň işleýän ugruny, ýaşyny we beýleki maglumatlaryny göz öňünde tutmalydyr. Şonuň ýaly-da, söhbetdeşlik guramaga diýip ýola çykan halatynda žurnalistiň ýanynda bolmaly esbaplary we enjamlary: ýandepderçäni, galamy, ykjam ses ýazyjy enjamy (diktofony), gerekli resminamalary we beýlekileri ýanyna alandygyny barlamagy hökmandyr.

Söhbetdeşlikde gürrüňdeş bolunýan adamyň aýdan maglumatlaryny, beren gürrüňlerini ýazga geçirmek hökmandyr. Çünki bu ýazgylar söhbetdeşligiň hakykat ýüzünde degişli hünärmen bilen ýüzbe-ýüz ýagdaýda guralandygyna şaýatlyk edýän resminama bolup biler. Ikinjiden, žurnalist dilden geçirilen söhbetdeşligi kagyz ýüzüne ýazga geçirýärkä takyklanmagy zerur bolan maglumat üçin häli-şindi gürrüňdeş bolnan hünärmene jaň edip durmakdan, ünsüni bölmekden halas edip biler.

Žurnalist gürrüňdeş bolýan hünärmeniniň psihologiki ýagdaýyndan hem duýgurlyk bilen baş çykaryp bilmelidir. Ýandepderçe, galam ýa-da ses we şekil ýazgy ediji enjamlar peýdalanylan halatynda tolgunyp, aýtjak zatlaryny doly aýdyp bilmeýän gürrüňdeşler hem gabat gelip biler. Şeýle ýagdaýda žurnalist öz adamlar bilen işlemek babatda gazanan tejribesini peýdalanyp, olary köşeşdirip we gürrüňdeşlikde dogry ugra gönükdirip bilmelidir. Eger-de söhbetdeşlik gazet-žurnal sahypalarynda çap etmek maksady bilen guralýan bolsa, onda ses ýazgylarynda berlen maglumatlaryň soňra kagyz ýüzünde timarlap, redaktirläp, okyja ýetirmäge mümkinçilik bardygyny aýdyp, gürrüňdeş bolunýan hünärmeni şol enjamlara öwrenişdirmek, belli bir ýagdaýlarda gürrüňdeşiň ünsüni haýsydyr bir zatlara sowup, enjamlar barada tolgunmasyny unutdyrmak ýaly öň tejribede synag edilip görlen tärleri ulanmak bolar.

Söhbetdeşlik guramaga barýan žurnalistiň öz egin-eşigi, daş keşbi, lybasy barada hem alada etmegi zerurdyr. Wideoýazgy guralmaýan hem bolsa, žurnalist öz daş keşbi, edep-ekramlylygy, medeniýetliligi bilen gürrüňdeş bolýan hünärmeniniň özüne bolan hormat-sarpasyny gazanmagy başarmalydyr. Şeýle halatda gürrüňdeş bolýan hünärmeniniň oňa ynanmagy we has-da höwesli gürrüň açmagy, maglumatlary ýerbe-ýer, yzygiderli bermegi mümkindir.

### Žurnalistiň psihologiki taýýarlygy we söhbetdeşlige girişmek

Žurnalistiň gürrüňdeş bolunýan hünärmen bilen öňünden gaýybana tanyş bolmagy, onuň gyzyklanýan ugurlary bilen habarly bolmagy söhbetdeşligiň peýdasyna bolup biler.

Žurnalistiň öz işinde hakykatçyl, akgöwünli, maglumatlary dogruçyl beýan etmegi hökmany talapdyr. Şeýle-de söhbetdeşlik wagtynda žurnalistiň hökmany eýermeli etiki talaplary hökmünde onuň gürrüňdeşini diňlemegi başarmalydygyny, ýersiz ýere gürrüňdeşiniň gürrüňini bölüp, ony öz göwnündäki zatlary aýtmagyna ugrukdyrjak bolmaly däldigini, sabyrly bolup diňlemelidigini, gürrüňdeşiniň gürrüňini tamamlamagyna howlugyp, onuň gürrüňinden gyssanmaç şahsy netije çykarmaly däldigini, gürrüňdeşini lapykeç ýagdaýa salmaly däldigini aýdyp geçmek bolar. Žurnalist gürrüňdeşiniň öz göwnündäki aýtsam diýip niýetlän maglumatlaryny ünsli diňläp, soňra ony söhbetdeşligiň maksadynda göz öňünde tutulan ugurlara ugrukdyryp biler. Diňlemegi başarýan žurnalist gürrüňdeş bolýan hünärmeniň işjeň hyzmatdaşydyr.

Žurnalist gürrüňdeş bolan hünärmeni bilen duşuşygyndan soň alan maglumatlaryny bir ýere jemläp, söhbetdeşligi taýýarlamaga girişýär.

Söhbetdeşlik ýazga geçirilende žurnalist dogruçyl maglumatlar esasynda okyja anyk we gutarnykly materialy berip bilmelidir. Ol maglumatlaryň, seneleriň, sanlaryň hakyky manysyny ýoýmazdan, möhüm arabaglanyşygy açmak bilen, üýtgetmän beýan etmelidir. Ýöne beýle diýildigi, žurnalist özünden hiç hili döredijilikli goşant etmezden, gürrüňdeş bolunýan hünärmen nämäni aýtsa, şony sözme-söz kagyza geçirmeli diýildigi däldir. Söhbetdeşligi kagyza geçirýärkä žurnalist gürrüňdeşiniň aýdan maglumatlaryny, onuň geçirilen halkara çäreleriniň, halkara resminamalarynyň, halkara guramalaryň atlaryny, maddalaryny aýdyşyny iň bir ygtybarly resmi maglumatlar bilen deňäp we derňäp görmelidir. Sowal ýüze çykan ýagdaýynda, žurnalist gürrüňdeş bolan hünärmeni bilen birlikde, ýene-de bir ýola gysga wagtlyk duşuşmak ýa-da aragatnaşyk serişdeleriniň berýän mümkinçiligi arkaly şol meseläni ýene-de bir ýola berkidip işläp geçip biler.

Şeýle-de žurnalistiň ähli möhüm ugurlar, şeýle-de redaksiýanyň çäginde öz iş alyp barýan ugry boýunça çuňňur we her taraplaýyn sowatly, ol ugurlar boýunça teleradioýaýlymlarda, gazet-žurnal sahypalarynda berilýän gündelik täzeliklerden habarly bolmagy zerurdyr.

Biz Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizde okamaga, öwrenmäge, ylym we döredijilik bilen meşgullanmaga giň ýol açyp berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.


**Mähri GAÝYPOWA,**
**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň Žurnalistika kafedrasynyň uly mugallymy.**




# СУДЬЯ ИЗ ТУРКМЕНИСТАНА НА ОЛИМПИЙСКИХ ИГРАХ

◆ На Олимпийских играх-2024 в Париже завершились соревнования по тяжёлой атлетике, которые в качестве судьи обслуживал генеральный секретарь Федерации тяжёлой атлетики Туркменистана, арбитр международной категории Чарыгелди Мамедов. Он – первый туркменский судья, который во второй раз работал на Олимпиаде.

7 августа Ч. Мамедов судил соревнования женщин весовой категории до 49 кг, 8 августа состязания среди мужчин (до 73 кг), а 10 августа – соревнования женщин (до 81 кг).

# TURKMEN WEIGHTLIFTER FINISHES HIS PERFORMANCE AT 2024 PARIS OLYMPICS

◆ At the Olympic Games in Paris, weightlifters competed for medals in the 102 kg weight category, in which Turkmenistan was represented by 23-year-old Master of Sports Davranbek Hasanbayev. It was the first time for him to compete in the main competitions of the four-year period.

He won the right to participate in the 2024 Olympics at the 2024 World Cup held in Phuket (Thailand) in April this year, where he took the 5th place with his personal best of 392 kg in the total (the snatch – 187 kg and the clean and jerk – 205 kg).

On the Olympic podium in Paris, Davranbek Hasanbayev lifted 180 kg in the snatch and 190 kg in the clean and jerk event and took the overall 10th place with a result of 370 kg. The Olympic champion in this weight category was the 22-year-old world record holder in the clean and jerk and in both events, the 2023 world champion and the 2023 Asian champion Liu Huanhua (China) – 406 kg (186 + 220). The silver medalist was Akbar Djuraev from Uzbekistan – 404 kg (185 + 219), and the bronze medalist was Belarusian weightlifter Yauheni Tsikhantsou, who competed under a neutral flag – 402 kg (183 + 219).




# В ЛОС-АНДЖЕЛЕС ПРИБЫЛ ОЛИМПИЙСКИЙ ФЛАГ:

## ОТСЧЁТ ДО ИГР-2028 НАЧАЛСЯ



◆ Официальный флаг Олимпийских игр прибыл в Лос-Анджелес, где пройдут летние Игры 2028 года. Делегация, в составе которой были мэр Лос-Анджелеса Карен Басс, представители оргкомитета и американские спортсмены, доставила флаг из Парижа, пишет LA Times. Их встретил губернатор штата Калифорния Гэвин Ньюсом и представители прессы.

«Это как спусковой крючок сработал. Часы начали отсчёт», — заявила Карен Басс.

Оргкомитету предстоит большая работа: организация мест проведения соревнований, продажа билетов, транспортные условия и другие аспекты Игр. В список объектов, где пройдут соревнования, уже вошли SoFi Stadium (вместимость — 70 240 человек), Intuit Dome (18 000 зрителей) и Crypto.com Arena (20 000 зрителей). Ведутся переговоры с другими аренами. Также необходимо заключить соглашения с городом Лос-Анджелес и соседними муниципалитетами, такими как Лонг-Бич, Санта-Моника и Пасадена.

Летние Олимпийские игры 2028 года пройдут в Лос-Анджелесе с 14 по 30 июля 2028 года.

# TÜRKMEN SAMBOÇYLARY DÜNÝÄ KUBOGYNDA ÜSTÜNLIKLI ÇYKYŞ ETDILER

◆ 2024-nji ýylyň 15 — 16-njy awgustynda Gyrgyzystanyň Çolpon-Ata şäherinde sambo boýunça Dünýä kubogy ugrunda ýaryş geçirildi. «Gazprom» sport toplumynda geçirilen şol ýaryşlara Türkmenistandan 29 türgen gatnaşdy» diýip, Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetinde habar berilýär.

Ýaryş zenanlaryň we erkekleriň arasynda sport hem-de söweşjeň sambo görnüşleri boýunça geçirildi. Çolpan-Ata şäherinde guralan bäsleşiklerde türkmenistanly samboçylar üstünlikli çykyş etmegi başardylar. Olar öz agram derejelerinde netijeli çykyş edip, 1 altyn, 2 kümüş we 7 bürünç medal gazandylar.

Türkmen samboçylary 2024-nji ýylyň 29-30-njy iýunynda Makaoda geçirilen Aziýa we Okeaniýa ýurtlarynyň çempionatynda ussatlygyny görkezmegi başarypdylar. Şol ýaryşda olar 21 medala (2 altyn, 6 kümüş, 13 bürünç) mynasyp boldular.

www.sportcom.gov.tm

# SPORT ULGAMYNDAKY ÖSÜŞLERIMIZ

◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda sagdyn durmuş ýörelgelerine uýmak, köpçülikleýin bedenterbiýäni we sporty wagyz etmek barha giň gerime eýe bolýar. Munuň özi durmuş kanunalaýyklygydyr. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlamagy, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän taýsyz tagallalary esasynda, sport häzirki döwürde döwletimiziň halkara giňişliginde üstünlikli alyp barýan diplomatik işiniň aýrylmaz bir bölegine öwrüldi.

Sport türkmen jemgyýetiniň sagdyn geljegidir, dünýä döwletleri, halklary bilen dost-doganlyk we özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny berkitmegiň möhüm guralydyr. Şundan ugur alyp, ýurdumyzyň paýtagtynda we welaýatdyr etraplarynda ýerleşýän ýörite sport mekdeplerinde täze 2024-2025-nji okuw ýylyna taýýarlyk, sportuň görnüşleri boýunça höwesjeň çagalary toplamak, täze toparlary açmak işleri tamamlaýjy tapgyrlarda alnyp barylýar.

Ajaýyp zamanamyzda geljegimiziň eýeleri bolan bagtyýar çagalaryň sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmaga bolan höwesleriniň barha artýan derejededigini bellemelidir. Çünki döwletimiz tarapyndan sporta, köpçülikleýin bedenterbiýä, sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmäge berilýän aýratyn üns netijesinde, ýurdumyzda sport binalary, desgalary, toplumlary, sport mekdepleri yzygiderli gurlup ulanylmaga berilýär. Halypalyk-şägirtlik mekdebiniň ösdürilmegi netijesinde milli türgenlerimiz sportuň dürli görnüşleri boýunça döwlet we halkara derejeli ýaryşlara, çempionatlara, Kuboklara gatnaşyp, sport abraýymyzy, mukaddes Ýaşyl Tugumyzy belentde parladýarlar.

Sportda gazanylýan ýokary netijeler bilen bir wagtda sportuň wagyzyny her taraplaýyn ösdürmek babatda alnyp barylýan işler ýaş nesilleriň milli ýygyndy toparlarymyzyň ýeňişli çykyşlary barada habarlar arkaly sportuň dürli görnüşlerine höwes bildirmeklerine, watançylyk terbiýeleriniň ösmegine mynasyp ýardam edýär.



2023-nji ýylyň dowamynda paýtagtymyzdaky Olimpiýa şäherçesiniň Başa-baş söweş sungaty sport toplumynda Kuraş boýunça XIV dünýä çempionaty geçirildi. Onda milli türgenlerimiz sportuň bu görnüşi boýunça ýokary ussatlyk derejesine eýediklerini görkezdiler. Şol ajaýyp günlerde Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport baradaky Hökümetara geňeşiniň agzalygyna saýlananlygy barada hoş habar hem ähli ildeşlerimiziň ruhlaryny göterip, täze zähmet ýeňişlerine höweslendirdi. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bolsa paýtagtymyzdaky Gyşky oýunlar sport toplumynda Hokkeý boýunça halkara ýaryşy geçirilip, milli hokkeý toparymyz onda üstünlikli çykyşlary bilen dünýäni haýrana goýdy. Şeýle-de, paýtagtymyz Aşgabat «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edildi. Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumy «Tennis boýunça Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýen ada mynasyp boldy.

Ýokary sportda gazanýan şular ýaly barmak basyp sanardan kän üstünliklerimiz bize öz tamamlan hünärimiz boýunça hünär ýolumyzyň menzillerine ilkinji gadam goýan ýaş tälimçi-mugallymlar üçin sapaklarda we sapaklardan daşary çärelerde baglanyşdyryp ulanmak üçin möhüm okuw we bilim maglumatlary bolup hyzmat edýär.

Biz Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň okamaga, öwrenmäge, kämilleşmäge döredip berýän giň mümkinçiliklerinden peýdalanyp, milli sportumyzyň dünýä giňişligindäki abraýyny mundan beýläk-de belent basgançaklara çykarjak türgenleri taýýarlamak boýunça ähli zehinimizi, başarnygymyzy sarp edip, yhlasly işlejekdigimize ynandyrýarys.

**Madina MAHMUDOWA,**
**Köýtendag etrabynyň 6-njy sport mekdebiniň tälimçi-mugallymy.**

# КОМАНДА ТУРКМЕНИСТАНА

## ПО КЁРЛИНГУ НА СБОРАХ В НОРВЕГИИ






◆ Международные учебно-тренировочные сборы по кёрлингу соберут с 17 по 23 августа в Норвегии команды из 14 стран, в числе которых Туркменистан, Швеция, Испания, Казахстан и другие.

В рамках Молодёжного лагеря в Лиллехаммере юношеская сборная Туркменистана, участвуя в тренировках, мастер-классах и соревнованиях с другими командами, отточит навыки игры на льду. Помимо юных спортсменов, в лагере будут обучаться и тренеры.

Наставники пройдут тренинги по повышению профессиональных компетенций и обменяются опытом с коллегами по дальнейшему развитию зимнего олимпийского вида спорта.

– Федерация кёрлинга Туркменистана была создана в 2020 году, – говорит главный тренер сборной Сакина Гуламалыева. – В настоящее время наша страна является полноправным членом Всемирной федерации кёрлинга. Это позволяет нам обучаться у мастеров международного уровня, повышать тренерскую квалификацию по данному виду спорта, чтобы в будущем готовить профессиональных спортсменов, умеющих играть в команде.

В составе юношеской команды, направляющейся на обучение в тренировочный лагерь, – спортсмены, успешно выступившие на открытом первенстве Федерации кёрлинга Туркменистана в 2023 году. Капитан команды – Эмина Нурмухамедова, вице-капитан – Айша Гельдимырадова. Первый игрок – Данатар Мухамов, второй игрок – Селим Байрамов.

По итогам учебных практик на сборах планируется проведение товарищеских матчей между командами.

Лиллехаммер известен как один из центров зимних видов спорта. В 1994 году здесь были проведены XVII зимние Олимпийские игры, а в 2016 году – вторые зимние юношеские Олимпийские игры. Продолжая славные олимпийские традиции, организаторы Международного тренировочного лагеря стремятся поделиться норвежским опытом в области зимних видов спорта и поддержать молодых спортсменов и тренеров со всего мира.

**www.turkmenistan.gov.tm**

# GÖK ÇAÝÝŇ PEÝDASY



◆ Suwdan soň gök çaý dünýäde iň köp içilýän içgidir. Adaty gök çaý «Camellia sinensis» diýlip atlandyrylýan ösümligiň ýapraklaryndan taýýarlanylýar. Düzüminde uglewodlaryň, witaminleriň, beloklaryň, himiki elementleriň köpdügi sebäpli gök çaý adam bedeni üçin örän peýdalydyr. Şeýle hem bu peýdaly içgi antioksidantlara we polifenola örän baýdyr. Lukmanlaryň aýtmaklaryna görä, bedendäki artykmaç ýaglardan dynmakda, bedeniň kaddy-kamatyny saklamakda, ýadawlygy aýyrmakda, artritiň agyrlaryny peseltmekde gök çaýyň haýry kändir. Şeýle hem gök çaý käbir beden agzalarynyň we deriniň sowuklamasynyň bejergisinde giňden ulanylýar. Bedeniň kesele garşy ukybyny ýokarlandyrmakda, çydamlylygy berkitmekde hem gök çaý içmegiň artykmaçlyklary bardyr. Lukmanlar ýürek-damar, süýjüli diabet kesellerinden ejir çekýänlere-de gök çaýy köpräk içmegi maslahat berýärler.

Beýniniň işjeňligini artdyrmakda, ýatkeşligi berkitmekde, adamyň ömür dowamlylygyny uzaltmakda hem çaýyň peýdasy köpdür. Onuň düzümindäki kofein ünslüligi berkitmäge, eserdeňligi saklamaga aýratyn täsir edýär. Alymlaryň geçiren barlaglarynyň netijeleri boýunça günüň dowamynda 5-6 käse çaý içmek ýürek-damar kesselleriniň döremegini peseldýär.

**Gandym WELLEKOW,**
**TMÝG-niň Halaç etrap Geňeşiniň hünärmeni.**

# MAGTYMGULY PYRAGY — SÖZ ÄLEMINIŇ ÇYRAGY

◆ Türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragy döredijilik äleminde özüniň eserleriniň many-mazmunynyň kämilligi bilen türkmen edebiýatyny dünýä tanadan beýik şahsyýetdir. Şahyr döredijilik älemine ýaş wagty başlapdyr. Onuň şygyrlary şol döwürlerde-de, häzirki döwürde-de söýlüp okalýar. Pyragynyň goşgularyna aýdym aýtmadyk bagşy ýok bolsa gerek. Magtymguly Pyragy dürli temalara ýüzlenip, esasanam, watançylyk, öwüt-nesihat, gahrymançylyk, yşky-liriki, dostluk temalarynda goşgularyny ýazypdyr. Onuň goşgulary halk köpçüliginiň medeniýetiniň ösmegine hem öz täsirini ýetiripdir.

Pyragynyň goşgularynyň diliniň halka düşnükli bolmagy, çeperçilik serişdeleriniň ýerlikli ulanylmagy halkyň arasynda söýlüp okalmagyna sebäp bolupdyr. Türkmen halkynyň arasynda Magtymguly Pyragynyň hormat-sarpasy beýikdir, şol mynasybetli her ýylyň 27-nji iýunynda türkmen halkymyz Medeniýet we sungat işgärleriniň hem-de Magtymguly Pyragynyň şygyrýet gününi uludan toýlap, şatlyk-şowhun bilen belläp geçýär. Magtymguly Pyragynyň adynyň birnäçe ýerlere dakylmagynda hem uly many-mazmun bardyr.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Magtymgulynyň goşgular kitaby gaýtadan neşir edilip, halk köpçüligine ýetirilýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bolsa Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllyk toýuny uly şatlyk-şowhun bilen belläp geçýäris.

Milli mirasymyzy öwrenmekde, türkmen edebiýatyny dünýä tanatmakda bimöçber işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza biz ýaşlaryň alkyşlary çäksizdir.

**Gülnahal DÄDEBAÝEWA,**
**Köneürgenç etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

# MEKDEP BAZARLARY ILATYŇ HYZMATYNDA

◆ Ata-baba ýol-ýörelgelerimiz dowamat-dowam bolýan Garaşsyz döwletimizde ylym-bilime, sagdyn durmuş ýörelgelerine, köpçülikleýin bedenterbiýä we sporta aýratyn gadyr-gymmat goýulýar. 1-nji awgustdan — 5-nji sentýabra çenli dowam edýän mekdep bazarlary bu aýdylanlara aýdyň şaýatlyk edýän möhüm hem-de döwletli çäredir.

Garaşsyzlyk ýyllarymyz içinde geljegimiziň eýeleri bolan ösüp gelýän ýaş nesilleriň okamaklary, zamanabap bilim we terbiýe almaklary üçin hemmetaraplaýyn düýpli tagallalar durmuşa geçirilýär. Şu nukdaýnazardan 2008-nji ýylda ýurdumyzyň Bilim ministrligi tarapyndan orta mekdepleriň okuwçy oglanlary we gyzlary üçin gündelik okuw sapaklarynda, şeýle hem zähmet we bedenterbiýe sapaklarynda geýmek üçin ýörite lybaslaryň görnüşleriniň tassyklanylmagy aýratyn ähmiýetli waka boldy diýip aýtmak bolar.

Okuwçy lybaslarynyň göze ýakymly reňklerde bolmagy, biçüwi taýdan häzirki



zaman modelleriniň iň täze gazananlaryny özünde jemlemegi we milli edep-terbiýe talaplaryna laýyk gelmegi häzirki zaman ösen milli aň-düşünjeli we giň gözýetimli ýaş nesli terbiýeläp ýetişdirmekde möhüm pursat bolup durýar. Şu wajyp ýörelgelerden ugur alnyp, ýurdumyzyň kärhanalarynda öndürilýän taýýar mekdep lybaslary, şeýle hem okuwçy gyzjagazlar üçin owadan ýaşyl reňkli köýnekleri tikinmek üçin dokalýan ýokary hilli matalar uly islegden peýdalanýar. Şeýle-de, milli telekeçilerimiz we haryt getirijilerimiz bilen ýakyn hyzmatdaşlykda ýurdumyza getirilýän dürli okuw esbaplary, enjamlary okuwçy çagalaryň we ýetginjeleriň arzyly hemrasyna öwrülýär.

Bu islegli harytlary gözläp, ýol aşyp, öýüňden uzaga gitmegiň hem geregi ýokdur. Çünki göçme mekdep bazarlary, iri şäherlerimiz, welaýat merkezlerimiz bilen birlikde, ilatyň ýaşaýan iň çetki zolaklaryna hem ýol salýar. Munuň özi ýurdumyzda barha rowaçlanýan bereket we haryt bolçulygyndan nyşandyr.

Mekdep bazarlary 5-nji sentýabra çenli dowam eder.

**Maýa DURDYÝEWA,**
**TDBSI-niň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**

# YHLASLY ZÄHMETIŇ MIWESI

◆ Hormatly Prezidentimiziň Balkan welaýatynda bolan iş sapary zähmetsöýer gallaçy daýhanlarymyzyň göwünlerini galkyndyryp, olary täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrdy. Saparyň dowamynda hormatly Prezidentimiz welaýatyň gallaçylarynyň alyp barýan işleri, halkymyzy öz topragymyzda ösdürilip ýetişdirilýän tebigy taýdan arassa oba hojalyk önümleri bilen bolelin üpjün etmekde gazanýan üstünlikleri, bugdaýyň hasyllylygy, daýhanyň daýanjy hasaplanýan oba hojalyk tehnikalary bilen üpjünçiliginiň ýagdaýy bilen tanyşmagy ýer eýeleriniň buýsançly başlaryny has-da belende göterdi. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynyň tamamlanan orak möwsümini görnükli netijelere beslediler. Olar şu ýylda 50 müň gektar meýdandan azyklyk ak bugdaýyň bol hasylyny ýygnap, şertnamalaýyn borçnamalaryny artygy bilen üstünlikli berjaý etdiler.

Hormatly Prezidentimiz ekiş we sürüm tehnikalarynyň yzygiderli üstüni ýetirmek, zerur himiki serişdeler, suw bilen üpjünçilikde hiç bir bökdençligiň bolmazlygyny gazanmak babatdaky hemaýatlary birjik-de ünsden düşürenok. Şonuň ýaly-da, azyk önümleriniň bolçulygyny has-da artdyrmak, kärhanalaryň önümçilik kuwwatlyklaryny ýokarlandyrmak, şeýle-de bazarlarymyzda gök-bakja önümleriniň bolçulygy, türkmen pagtasyndan öndürilýän tebigy taýdan arassa, bäsleşige ukyply önümleriň diňe bir özümizde däl-de, eýsem, dünýä bazarynda hem döwrebap islegleri peýdalanmagy, bularyň barysy daýhanlar üçin uly bagtdyr.



Bu günler bolsa ähli ekin meýdanlarynda orumdan boşan ýerlerde güýzki ekişe taýýarlyk işleri uly depgin bilen alnyp barylýar.

**Döwletmyrat TATAROW,**
**TKA-nyň Gyzylarbat etrap birleşmesiniň başlygy.**

◆ Ruhubelentligiň we sagdynlygyň ýurdy hasaplanýan asuda Watanymyzda bedenterbiýäni we sporty ösdürmekde, ýaşlary köpçülikleýin sporta çekmekde uly tagallalar edilýär. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň alyp barýan sport syýasatynyň uly üstünliklere beslenýändigine şaýatlyk edýär. Hut şonuň üçin hem häzirki günlerde şäherimiziň çäginde geçirilýän sport bäsleşikleri hem giň gerime eýe bolýar.

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramagynda 24-nji çagalar bagynda «Sagdyn durmuş ýörelgesi — Arkadagly Gahryman Serdaryň göreldesi» ady bilen sportuň ýeňil atletika görnüşi boýunça sport bäsleşigi geçirildi. Çekeleşikli ýagdaýda geçirilen bäsleşikde körpeler uzak aralyga ylgamak boýunça ýaryşdylar. «Ýaşlyk» hem-de «Ýyldyz» diýip atlandyrylan toparlar özleriniň ukyp-başarnyklaryny birkemsiz görkezdiler. Olaryň ýaryşlaryna emin agzalar adatlatly baha berdiler.

Gyzgalaňly geçen ýaryşyň dowamynda oňa gatnaşanlar sport bilen meşgullanmaga şeýle mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza özleriniň alkyş sözlerini aýtdylar.

**Serdar BERDIÝEW,**
**TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

◆ TMÝG-niň Görogly etrap Geňeşi Görogly etrabynyň bedenterbiýe we sport bölümi bilen bilelikde «Sport sagdyn we berk bedenli bolup ýaşamagyň esasydyr» atly şygar bilen sport çäresini geçirdi. 1-nji sport mekdebinde geçirilen çärä etrabymyzyň sport mekdeplerine gatnaýan mekdep okuwçylary gatnaşdylar. Sport mekdebiniň döwrebap enjamlaşdyrylan woleýbol zalynda geçirilen ýaryşda 2012-2013-nji ýyllarda doglan okuwçy oglanlardan düzülen 5 sany topar özara bäsleşdiler. Ýaryşyň dowamynda ezberler öňe saýlanyp, «Berkarar» topary 1-nji, «Galkynyş» topary 2-nji, «Uçýan top» topary 3-nji orunlara mynasyp boldular. Ýeňijilere guramaçylar tarapyndan ýadygärlik sowgatlary gowşuryldy.

**Altyn ATAKOWA,**
**TMÝG-niň Görogly etrap Geňeşiniň bölüm müdiri.**

◆ Eziz Diýarymyzda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň sport ulgamy uly ösüşlere beslenýär. Şonuň üçin hem ösüp gelýän körpe nesillerimiziň sport bilen meşgullanmaklaryny gazanmak hem-de olary sporta çekmek maksady bilen körpelerimiziň arasynda dürli sport çäreleri we bäsleşikleri yzygiderli geçirilýär.

Şeýle bäsleşikleriň biri hem, Baýramaly şäheriniň 9-njy çagalar bakja-bagynda geçirildi. Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Mary welaýatynyň Baýramaly şäher Geňeşiniň gurnamagynda geçirilen ýaryş «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň bagtyýar nesilleri» diýlip atlandyryldy. Sportuň ýeňil atletika görnüşi boýunça guralan bu ýaryşda körpeler iki topara bölünip ýaryşdylar.

Çekeleşikli geçen ýaryşda tapawutlananlara guramaçylar tarapyndan Hormat hatlary we sowgatlar gowşuryldy.

**Baýramgeldi GAÝYPOW,**
**TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri.**

◆ TMÝG-niň Görogly etrap Geňeşi etrap bilim bölümi bilen bilelikde Görogly etrabyndaky «Nur» söwda dynç alyş merkezinde «Gülleýän gül Diýaryň iň bagtyýar nesli biz!» atly aýdym-sazly gezelenç çäresini geçirdi. Tomus paslynyň dowam edýän döwründe çagalar bagynda terbiýelenýän körpeleriň wagtlaryny şadyýan, gyzykly geçirmegini gazanmak maksady bilen guralan çärede etrabyň çägindäki çagalar baglarynda terbiýelenýän körpeler «Nur» söwda dynç alyş merkeziniň ýörite çagalaryň dürli oýunlary oýnamaklary üçin niýetlenen eýwanynda öz wagtlaryny şadyýanlykda geçirdiler. Bu ýerde çagalar üçin gyzykly oýunlar guraldy. Olara doňdurma we süýjülikler hödür edildi. Şonuň ýaly-da, aýdym-sazly gezelenç çäresini Görogly etrabynyň çagalar sungat mekdebiniň aýdym-saz toparlary özleriniň ajaýyp aýdym-sazly çykyşlary bilen bezediler.

**Hudaýnazar MEREDOW,**
**TMÝG-niň Görogly etrap Geňeşiniň başlygy.**

◆ Ýurdumyzyň sport ulgamyny ösen häzirki zaman talaplaryna laýyk getirmek, sporty we sagdyn durmuş ýörelgesini giňden wagyz etmek, halkara derejeli türgenleri, tälimçileri taýýarlamak döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzyň ähli künjeklerinde bedenterbiýe-sagaldyş hem-de sport hereketiniň giňden ýaýbaňlandyrylmagy uly ähmiýete eýedir.

